# Aly Guşçy

Category: Kitapcy,Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly
написано kitapcy | 23 января, 2025
Aly Guşçy ALY GUŞÇY

Meşhur türk(men) astronomy we matematik alymy. Aly Guşçynyň haýsy senede we nirede dogulandygy belli däl, ýöne XV asyryň başlarynda Samarkantda dogulandygy kabul edilýär.
Ulug begiň hökümdarlyk edýän wagtlarynda Samarkantda ilkinji bolup dini okuwyny tamamlaýar. Çaga wagtlary matematika we astronomiýa bolan höwesi artýar. Döwrüniň iň beýik alymlary bolan Ulug beg, Bursaly Kadyzada Rumy, Gyýaseddin Jemşid we Muinuddin Kaşydan astronomiýa we matematika derslerinden sapak alýar. Ulugbegiň öldürilmeginden soň Samarkant Medresesindäki dersleri bilen rasathanadaky uly işlerine ara ýolda goý bolsun edip Samarkantdan aýrylyp Tebrize, bir az wagtdan soňra Uzyn Hasanyň ilçisi bolup Stambula geldi. Fatyh Soltan Mehmet han, onuň ylymly adamdygyna gysga wagtda göz ýetirýär we ondan Osmanly döwletiniň hyzmatynda bolmagy üçin haýyş etdi. Soňra ol Aýasofiýa Medresesinde Müderrislige kabul edilýär. Fatyh soltan Aly Guşça edýän işiniň daşyndan öz kitaphanasynda müdürlik etmeklik wezipesini berdi. Stambul medreselerinde astronomiýa we matematika ylymlarynda Aly Guşçynyň eden işleri netijesinde uly öňegidişlikler gazanyldy. Derslerine Stambulyň meşhur alymlary hem goşulýardy. Ylym ýolunda eden hyzmatlary we gazanan at-abraýy bilen meşhurlyk gazanan Hoja Sinan Paşşa, Molla Lütfi we Aly Guşçynyň ogly Mirim Çelebi ýaly alymlar onuň derslerinde okap ýetişdiler. Aly Guşçy 1474-nji ýylda dünýeden ötdi we ony Eýýup Soltan Gonamçylygynda depin etdiler.

GEÇMIŞTEN GÜNÜMÜZE OSMANLI-ALFABETIK OSMANLI TARİHİ
Venedik neşirýaty. İstanbul. 2016.

Tolga USLUBAŞ
Terjime eden: Çarymuhammet SUGTYÝEW Ýazyjy şahyrlaryň we

alymlaryň terjimehaly